Türkmen halky beýik halkdyr, onuň dünýä ylmyna, medeniýetine, umuman dünýä siwillizasiýasyna ummasyz goşantlary goşandygy bize mälimdir. Türkmen halkynyň geçmişde dünýäniň dürli künjeklerinde onlarça döwlet döredendigi we olary dolandyrandygyny anyk maglumatlar arkaly görkezilýär. Ata-babalarymyz öz ene topragynyň çäginde,häzirki Türkmenistanyň ýerlerinde Altyndepe, Marguş döwleti, Parfiýa imperiýasy, Beýik Seljuk türkmen imperiýasy, Köneürgenç türkmenleriň döwleti ýaly tutyş adamzadyň ösüşine uly täsir eden döwletleri döredipdirler.

Asyrlaryň dowamynda sünnälenip, kämillik, sungat derejesine ýetirilen nepis halysy, şirin owazly saz gurallary, zenanlaryň şaý-sepleri, türkmeniň bedew aty, saryja goýny, ak bugdaýy, türkmeniň alabaý itibaryp bir eýýäm adamzadyň iň nusgawy maddy gymmatlyklaryna öwrüldi. Türkmen halysynada gelin-gyzlar türkmen tebigatynyň gapma-garşylygyndan aýratyn, jadylaýjy sazlaşygy ýüze çykarmagy başarýarlar. Türkmen gölüniň esasynda göz gamaşdyryjy näzik, ajaýyp güller ýüze çykýar. Halynyň dili bilen sazyň dilinde umumy gözbaş, bir meňzeş kemala gelmek bolup,bu her kimiň kabul edip bilşine bagly bolup durýar.

Türkmen halkynyň zergärçilik sungaty diňe hünärmençilik bolmak bilen çäklenmän eýsem, durmuş zerurlygydyr.Onuň öz filosofiýasy we dünýägaraýşy,çeperçilik hem-de ynsanperwer ýörelgeleri bar.Türkmenler iň däp bolup gelýän zergärçilik önümleri bäş topara bölmek bolýar; aýal-gyzlaryň dakynýan bezeg-şaýlary,çagalaryň dakynýan bezeg-şaýlary, erkek adamlar üçin niýetlenen şaý-sepler,at esbaplarynyň bezeg şaýlary,ýaraglarybezemek üçin şaýlar.

Türkmen gelin-gyzlaryň şaý-sepleriniň müňlerçe görnüşiniň bardygyna garamazdan,olar hiç-hili biri-birlerini gaýtalamaýar. Olaryň hili gyşarnyksyz berjaý edilipdir.Orta asyrlarda Maryda 14 müňe golaý zergär şaý-sep ýasamak bilen meşgullanyp, olaryň ýasan önümleri çeperçilik geňeşiniň ýörite toparlary tarapyndan tassyklanandan soňra, satywa çykarylýar.

**Niýazgylyç BAÝRAMOW**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены